# Maşgala durmuşy hakda owunjak wakalar

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Maşgala durmuşy hakda owunjak wakalar

Birinji owunjak waka

…Dawanyň başy gaty gazaply başlady.
Aýalynyň: “ýene-de ütügimiň simi ýandy. Sen bolsa haçan görseň telewiziriň öňünde eplenip ýatyrsyň” diýen sözi, haçan görseň telewizoryň öňünde eplenip ýatan äriniň bagryndan ok bolup geçdi.
Äriniň: “nämäňe hüňürdeýäň-ow?!” diýen gaharly sözüniň soňy göz açyp-ýumasy salymyň içinde kyýamat-magşara ýazdy.
-Aýrylyşaly. Mundan gün bolmaz. Men-ä gitdim!-diýip hüňürdän äriniň öýde durmaga takaty galman, ol çykyp gitmek üçin gapa ýöneldi. Geýim asgyçdan gysga, galyň paltosyny alanam şoldy welin, aýaly ýanyna golaýlady-da telpegini uzatdy:
-Telpegiňi bir geý! Daşary sowuk. Mydam: “kelläm” diýip ýörsüň. Üşärsiň!
Paltosyny geýmän sähel salymlyk säginen äri, daşaryk gitmekligi goýbolsun etdimi nämemi, elindäkini yzyna asdy-da, ýüzüni çytyp aşhana ýöneldi. Gidip barşyna-da burnuna salyp hüňürdedi:
-Atagzym bilen äpberkäm (otwertka) nirde?!…

Ikinji owunjak waka

…-Maňa Täze ýyla näme sowgat berjeg-ä?! Hä-ä?!-diýip aýaly, dälizde ýeke özleridiklerinden hem-de çagalarynyň görmeýändiginden peýdalanyp, işden gelen ärine gysmyljyrady-da, süýkdürip näzirgedi.
-Kepgir bilen saç! Näme aýal üçin şondan peýdaly, şondan amatly sowgat barmy?! Eýýäm, hanha alybam goýdum!-diýip äri hilebir iş edýän ýaly, daşky galyň eşiklerini çykaryp durşuna

keýpihon lokguldady.
Aýalynyň ýüzi boz-ýaz boldy. Diňe bir özi hol beýleräge süýşeni bilenem oňman, “agzy tagam tapan” äriniň özüniň ýumşagrak ýerlerine tarap uzap ugran ellerindenem itiberip goýberdi.
-Onda senem naharyňy şol getiren sowgatlyk sajyňda bişirin-de, şol sowgatlyk kepgiriň bilen guýun-da iýiber. Men-ä häziriň özünde çagalarymam, goşlarymam alýan-da ejemlere gidýän. Haýp, saňa sarp eden, saçymy sübse ellerimi kesewi edip geçiren ömrüm…
Aýaly şeýle diýdi-de, tasanjyrap içki otaga girip gitdi.
“Göläň oýnam bolsa itiň çyny boldy-ow, bi-ýä, Alla janlarym!” diýip içinden pikir öwren äri, ýeňsesini gaşady-da, sähel ýerde tutaşan öýke-kine bilen näme etjegini bilmän sermi-sal halda duruberdi. Onýança-da içki otagdan şakyrdadyp gapylary açylýan tekjeleriň närazy jygyldysydyr, orta üýşürilýän geýim-eşikleriň “patdyldysy” eşidilip ugrady. Öz öýlerine mahsus bolmadyk bu sesler ärini özüne getirdi. Bada-badam onuň girre gahary geldi.
-Bizem seniň ömrüň köýüp ýören mahalynda, gidip Antaliýada hüýri-periler bilen birmeýdan dynç alyp, özlemmiz ýaly Görogly sypat, şahandaz ýigitler bilen döwre gurap meýlis tartyp geçirmedik, şu öten ýyllary. Seň gije-gündiz jygyldap duran igäň gapdalynda igelenip-igelenip igläpler geçirdik, şunça ýyly…-diýip aýalynyň giden otagyna tarap eşidiler-eşidilmez hüňürdedi. Soňam eşiklerini geýim asgyçdan asyşdyryp durşuna, diňe özüne eşidiler ýaly, burnuna salyp üstüne goşup goýberdi:
-Känlerde ýa-da çakdan aşa gyzgyn ýerlerde, zyýanly işlerde işleýänler-ä munuň üçin goşmaça töleg töleýäler, maňa bolsa çekýän zyýanymyň, ýakýan nerw öýjüklerimiň öwezine derek iň bärkisi günde bir litr süýt berýänem ýok…
Onýança-da içki otagda dökünjiräp duran aýaly şifonýeriň ýokarky tekjesinde gizlenip goýlan daşy mahmally gutynyň üstünden bardy. Ony alyp açan dessine-de “Täze ýylyň bilen mähribanym!” diýip ýazylgy haşamly ýazgyny we onuň aşagyndaky zümerret gaşly, naşyja tylla gülýakajygy gördi. Göýä biriniň görmeginden çekinýän ýaly, gutyny emaý bilen alanja ýerinde

goýýarka aýaly utanjyndan ýaňa ýüzüniň lap-lap gyzýandygyny duýdy…

Üçünji owunjak waka

… “Işden ajygyp geler. Şoňa çenli bir ýetişdireýin. Iň gowy görýän naharydyr” diýip aýaly ägirt uly mähir bilen saçda bygyrdap duran naharyna duz atdy. Şol pille-de howluda ulagyň tekerlerini jygyldadyp togtaýan sesi eşidildi. “Geldi” diýip aýaly ýanýoldaşyny garşy almak üçin daş işige ýöneldi.
Ejeleriniň giderine mähetdel, hälden bäri onuň nahar bişirişini synlap duran ekizjeleriň biri, uly gyzyklanma bilen dümtünip duran oýnawajyny taşlady-da patdyk-putduk gaz plita tarap gaýtdy. Gaz plitanyň gapdalynda duran agzy açyk duz gaba penjejigini urdy-da, boýjagazy ýetmeýändigi zerarly bir eli bilen gaz plitanyň erňeginden ýapyşyp ökjesine galdy. Duzly eljagazyny sajyň üstüne uzatdy-da, gysymjygyny açyp goýberdi. Soň az salym öz eden işiniň netijesine garaşýan dek böwrüne diň salyp oýurganyp durdy. Az bolar öýtdümi nämemi, ýene-de birki ýola çaňňalyny duz gaba urup, ýaňky hereketini gaýtalady. Soňam göwni ynjalandyr-da, eden işinden göwnühoş halda, moýmudyklap ekiztaýyna tarap gaýtdy.
Onuň ýanyna baryp loňkuldap aşak çökeni hem şoldy welin, ekizleriň ikinjisem taýyndan kem galaýsa gulagy bilen guýrugy kesilip barýana döndi. Hyk-çoklap, zordanjyk, lopbuja agyr göwrejigini ýerden göterdi-de gaz plitadyr agzy açyk duz gaba tarap ýola rowana boldy. Ýaňky hereketleriň ählisi ýene-de gaýtadan birküç ýola gaýtalandy. Megerem, bu ikisini goramak üçin berkidilen perişdeler alýan aýlygyny bijaý halallap alýan bolara çemeli, ekizleriň ikinjisem ýanyp-bişmän sag-aman yzyna, taýynyň ýanyna dolanyp geldi.
Onýança ellerini kakalarynyň getiren sebetlerinden dolduryp ýanýoldaşlaryň ikisem geldiler. Ogşalmalylaryň hemmesi ogşaldy. Ýaňagyna sülekeý çyrşalmalylaryň hemmesine-de çyrşalmaly zatlaryň ählisi çyrşaldy. Üstünde garpyşylyp ýyrtylmak takdyryna ýazylan bir gezeklik paketleriň hem hemmesi ýyrtyldy. Çar ýana seçilmeli, owradylyp gyzyl-ýaýyrt

edilmeli köke-süýjülere-de nesibesindäki nesip etdi. Soň eşik çalşyldy, el ýuwuldy, saçak ýazyldy, nahar alyndy. Öýüň eýesi, ýak bir bissimylla, şeýle söýlüp-sylanyp, özüne gadyr edilip bişirilen iň halaýan tagamyndan çemçesini dolduryp agzyna salany hem şoldy welin, gözlerinden biygtyýar gözýaşlar paýrap gitdi.

Ol naharyň başyna geçeli bäri, onuň her gün agşam, naharyny dadan dessine aýdýan: “mbäh, süýji bolupdyr-ow, sadagasy boldugym” diýen sözüne uzakly gün sabyrsyzlyk bilen garaşýan öýüň bikesi, bu gezek onuň topulyp turup, aşhananyň kranyna ýapyşyşyna düşünmedi. Hasam düşünmedik ýeri krana agzyny tutaga-da hopurdadyp-hopurdadyp suw içişi boldy. Bir kärhanada ýasalandyklary üçin biri-birinden asla tapawutlandyryp bolmaýan iki sany tos-togalajyk top ýaly topjagazlar bolsa, göýä, bu bolup geçýän zatlara özleriniň dahyly ýok deýin, ortada bugaryp duran nahara düýbünden meýil etmän, ellerindäki süýji-kökelerine güýmenişen bolup, tokgarylypjyk otyrdylar…

Hekaýalar